Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň Edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak müdirligi tarapyndan 2013-nji ýylyň ___________ aýynyň ___-ne
№________
HASABA ALYNDY

″TASSYKLAÝARYN″
Türkmenistanyň Bilim ministri
________ G.Mämmedowa

2013-nji ýylyň _________ aýynyň ____

**Balkan welaýat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebiniň**

**TERTIPNAMASY**

**Balkan welaýaty, 2013-nji ýyl**

Şu Tertipnama Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň, “Edara-kärhanalar hakynda”, “Bilim hakynda” Türkmenistanyň Kanunlarynyň we Türkmenistanyň beýleki hukuk- kadalaşdyryjy namalarynyň esasynda işlenilip düzüldi.

Şu Tertipnama mekdebiň umumy guramaçylyk-hukuk esaslaryny, maksatlaryny, wezipelerini we iş ýörelgelerini kesgitleýär.

## 1. UMUMY DÜZGÜNLER

1.1. Balkan welaýat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebi (mundan beýläk - Mekdep) Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 12955-nji belgili Karary we Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň 2013-nji ýylyň 16-njy aprelindäki 110-njy belgili Buýrugy bilen esaslandyryldy we ol döwlet orta hünär okuw mekdebi bolup durýar.

Türkmenistanyň Bilim ministrligi Mekdebiň Esaslandyryjysy bolup, onuň ýuridik salgysy: Aşgabat şäheri, Arçabil şaýoly, 104-nji jaý. Ol Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň Edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak müdirligi tarapyndan 2013-nji ýylyň _______ aýynyň _______-sine belgi bilen hasaba alyndy.

1.2. Mekdep bilim, terbiýe we ylym ulgamynda Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan üçin çuň bilimli, ýurduň bähbitlerini halkara giňişliginde mynasyp gorap bilýän we häzirki zaman bazar ykdysadyýeti gatnaşyklary şertlerine laýyklykda işlemäge ukyply, orta hünär bilimli işgärleri taýýarlamagyň möhüm düzüm bölegi bolup durýar.

1.3. Mekdep döwlet orta hünär bilim ulgamynyň dünýewi, demokratik we hukuk döwletini döretmek ugrundaky ruhy, durmuş-ahlak, ylym, ykdysady we medeni öňegidişlikleriň özenini düzmeli.

1.4. Mekdep Türkmenistanyň Prezidentiniň milli bilim döwlet syýasatyny iş ýüzünde amala aşyrmak üçin mugallymlaryň, işgärleriň we talyplaryň ylmy-döredijilik birleşmesidir.

1.5. Mekdebiň işleri Türkmenistanyň Konstitusiýasy, “Bilim hakynda” Türkmenistanyň Kanuny, Türkmenistanyň beýleki kanunlary, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary, Türkmenistanyň mejlisiniň kararlary, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütleri, beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary, Türkmenistanda döwlet orta hünär bilimi edaralary hakynda Düzgünnama, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň çykarýan resminamalary we şu Tertipnamanyň esasynda kadalaşdyrylýar.

1.6. Şu Tertipnama Mekdebiň hünär, ruhy we sazlaşykly terbiýe, raýatlyk kemala gelmegi we kämilleşmegi üçin okaýan talyplaryna durmuşy we bilim hyzmatlaryny üpjün etmek baradaky umumy guramaçylyk-hukuk esaslaryny, maksatlaryny, wezipelerini we iş ýörelgelerini kesgitleýär.

## 2. MEKDEBIŇ HUKUK DEREJESI

2.1. Mekdebiň Tertipnamasy Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň Edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak müdirliginde hasaba alnan hem-de Türkmenistanyň ýeke-täk döwlet reýestrine girizilen pursatyndan güýje girýär.

2.2. Mekdep resmi edaradyr, ol aýratynlandyrylan emläkli, özbaşdak balansly, Türkmenistanyň çäklerinde hasaplaşyk we beýleki, şol sanda bank edaralarynda walýuta hasaplary bar bolan ýuridik tarap bolup durýar.

2.3. Mekdep (Tertipnamanyň bellige alnan pursatyndan başlap) raýat hukuklaryna eýe bolýar we maliýe-hojalyk işlerini amala aşyryp, öz adyndan şertnamalary baglaşyp, emläk hukugyny gazanyp we Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenen çäklerdäki öz borçnamalary boýunça jogapkärçilik çekip, kazyýetde, araçy kazyýetde we halkara kazyýetlerinde talapçy we jogapçy bolup biler.

2.4. Mekdebiň türkmen dilindäki ady bolan tugraly möhüri, möhürçeleri we blanklary bolýar.

2.5. Mekdebiň türkmen dilindäki doly resmi ady: “Balkan welaýat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebi”.

Mekdebiň iňlis dilindäki doly resmi ady: “Balkan velayat vocational school of finance and economy”.

Mekdebiň rus dilindäki doly resmi ady: “Финансово-экономическая средняя профессиональная школа Балканского велаята”.

Mekdebiň türkmen dilindäki gysgaldylan resmi ady: “BNMYM”.

Mekdebiň iňlis dilindäki gysgaldylan resmi ady: “BNSFE”.

Mekdebiň rus dilindäki gysgaldylan resmi ady: “БНФЭШ”.

2.6. Mekdebiň ýerleşýän ýeri: Balkan welaýaty, Serdar şäheri.

Mekdebiň hukuk salgysy: Balkan welaýaty, Serdar şäheri, D.Azady köçesi, 1-nji “Ç” jaý

## 3. MEKDEBIŇ IŞINIŇ MAKSATLARY, WEZIPELERI WE ÝÖRELGELERI

3.1. Mekdebiň işleriniň esasy maksatlary türkmen jemgyýetiniň we döwletiniň ýokary gymmatlygy bolan adamyň şahsyýetini hemme taraplaýyn we sazlaşykly ösdürmekden, Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň pudaklary üçin kämil hünärmenleri taýýarlamakdan, şahsyýetiň bilimini çuňlaşdyrmaga we giňeltmäge bolan isleglerini kanagatlandyrmakdan ybaratdyr.

3.2. Mekdebiň alyp barýan ykdysady işleriniň görnüşleri:

- Ýörite orta bilim;
- Uly ýaşlylar üçin bilim we başga toparlara goşulmadyk bilimler;
- Hünär bilimi.

3.3. Ygtyýarlandyrmaga, şahadatnamaly degişli işleriň ähli görnüşleri degişli ygtyýarnamalar, şahadatnama we beýleki rugsat beriji resminamalar alnandan soň amala aşyrylýar.

3.4. Mekdebiň esasy wezipeleri:

- Türkmenistanyň Prezidentiniň bilim syýasatyny iş ýüzünde amala aşyrmak;

- raýatlaryň bilim almak baradaky konstitusion hukuklaryny iş ýüzünde amala aşyrmak, olaryň ruhy, ylmy-aňyýet taýdan sazlaşykly ösmekleri üçin ähli zerur bolan başlangyçlary we şertleri döretmek;

- Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudak edaralarynyň, kärhanalarynyň talaplaryna laýyklykda, hünär boýunça bilimleri çuňňur ele almak bilen, öz ugry boýunça öňde duran wezipeleri ýokary medeniýetlilik we raýatlyk jogapkärçiligi bilen çözmäge ukyby özünde utgaşdyryp bilýän hünärmenleri taýýarlamak;

- talyplary degişli pudagyň gurluş bölümlerinde okuw, üznüksiz we önümçilik tejribeliklerini geçmek bilen, okuw işleri bilen ylmy barlaglary ýakyndan utgaşdyrmak esasynda okatmak;

- döwlet gullukçylaryny we hünärmenleri, şeýle hem mugallymlar düzümini gaýtadan taýýarlamak we olaryň hünärini ýokarlandyrmak;

- ýurduň ilatynyň arasynda häzirki zaman ylymy, bilimi we onuň gazananlaryny ýaýratmak we wagyz etmek, onuň medeni we bilim beriş derejesini artdyrmak;

- beýleki türkmen we öňdebaryjy daşary ýurt bilim edaralary we guramalary bilen hünärmenleriň hünär taýýarlyk tejribesini öwrenmek we peýdalanmak maksady bilen hyzmatdaşlyk etmek;

- Türkmenistanyň kanunçylygynda, şeýle hem şu Tertipnamada kesgitlenen beýleki wezipeleri amal etmek.

3.5. Mekdebiň işiniň guramaçylyk ýörelgeleri şulardan ybaratdyr:

- bar bolan islendik hünär boýunça bilim almak mümkinçiligini Balkan welaýatynyň her bir raýaty üçin elýeterli etmek;

- bilim alýan her bir adam üçin hukuklary we borçlary deň etmek, şahsyýetiň ukyplaryna, hünär ugrukmasyna, şahsy häsiýeti we ýykgyn edýän ugruna laýyklykda her taraplaýyn we sazlaşykly ösmegini üpjün etmek;

- orta hünär bilim almakdaky durmuşy we bilim hyzmatlaryny mugt ýerine ýetirmek;

- talyplarda milli taryh, däp-dessurlar hem-de ileri tutulýan umumyadamzat gymmatlyklary bilen özara berk baglanyşykly ýokary medeniýeti hem-de döwlet Garaşsyzlygymyzyň we Bitaraplygymyzyň ýörelgelerine, türkmen halkyna, Watana hem-de Türkmenistanyň Prezidentine çuňňur wepalylygy terbiýelemek;

- orta hünär bilimini dünýewi häsiýetde bermek;

- Mekdebiň döwlet bilim edarasy hökmünde, syýasy partiýalardan, beýleki jemgyýetçilik we dini guramalardan garaşsyzlygyny saklamak;

- orta hünär bilimiň ýurdumyzyň we dünýä ylmy hem-de önümçiligi, daşary ýurtlaryň ylmy-barlag edaralary, orta hünär okuw mekdepleri we beýleki bilim, ylym we medeniýet merkezleri bilen bilelikde işlemegini gazanmak;

- bilimleri çuňňur ele almagy we olary jemgyýetçiligiň hem-de döwletiň bähbitlerine peýdalanmagy üçin zerur bolan ähli maddy, işgärler, hünär-psihologiki we ahlaky başlangyçlary bilen her bir talyby üpjün etmek;

- talyp ýaşlaryň we mugallymlar düzüminiň durmuşy goragyny amala aşyrmak, her biriniň saglygyny berkitmek, sazlaşykly we ruhy ösüşi barada alada etmek, işgärler köpçüliginde we bölümlerde sagdyn ahlak gatnaşyklaryny, özara hyzmaty, hyzmatdaşlygy, durnuklylygy, raýat parahatçylygy, milli birligi we milletara ylalaşygy üpjün etmek.

3.6. Esasy wezipeleri we ýörelgeleri durmuşa geçirmegiň maksady Mekdebi ýurduň milli aň-düşünjeli täze neslini taýýarlamagy üpjün edýän esasy bilim, ylym we medeniýet merkezleriniň, ýurduň jemgyýetçilik durmuşynyň gaýnap-joşýan ojaklarynyň biri hökmünde hereket etdirmekdir.

Mekdep bilim merkezi hökmünde, giň gerimli, öz aňyny türkmen halkynyň we ähli adamzadyň toplan ähli gymmatlyklary we tejribesi baradaky bilimlerden baýlaşdyrýan, Türkmenistanyň Garaşsyz, dünýä bileleşigindäki deň hukuklylygy şertlerindäki ykdysady, durmuşy we ruhy ösüşiniň çylşyrymly wezipelerini çözmäge ukyply, orta hünär bilimli, dünýä talaplarynyň derejesindäki sowatly hünärmenleri taýýarlamaga niýetlenendir.

Mekdep medeniýet we terbiýeçilik merkezi hökmünde, her bir adamda ruhy, medeni, sazlaşykly ösüşde, umumy, syýasy, hukuk, dünýägaraýyş, ahlaky-estetik medeniýetiň, gowy gylyklaryň, umumyýaşaýyş kadalarynyň, özüňi alyp barşyň, ululara bolan garaýşyň, jemgyýete, döwlete, häkimiýete, döwlet nyşanlaryna hormatyň emele gelmeginde, ýokary ynsanperwer pikirleriň we duýgularyň, milli we umumyadamzat gymmatlyklarynyň, däp-dessurlaryň, watançylygy, Halka, Watana, Türkmenistanyň Prezidentine söýgini we wepalylygy terbiýelemekde durmuş hyzmatlaryny etmek üçin ähli zerur şertleri üpjün edýär.

Mekdep jemgyýetçilik durmuşynyň möhüm ojagy hökmünde, talyplaryň öz-özüňi dolandyryş, durmuş işjeňligini ösdürýän, ýaşlar we beýleki toparlaryň başarnyklaryny, ukyplylyk endiklerini giňeldýär, milli galkynyş hereketine iş ýüzünde gatnaşmagyny üpjün edýär.

## 4. MEKDEBIŇ YGTYÝARLYKLARY WE JOGAPKÄRÇILIGI

4.1. Mekdep esasy wezipeleri durmuşa geçirmek üçin bilim beriş işlerini, işgärleri seçip almagy we işe bellemegi, ylmy, maliýe, hojalyk we beýleki işleri, Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna we şu Tertipnama laýyklykda özbaşdak amala aşyrýar.

4.2. Mekdebiň ygtyýarlyklaryna şular degişlidir:

- Mekdebiň Tertipnamasyny işläp düzmek we kabul etmek, oňa üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek;
- Mekdebiň işini kadalaşdyrýan içerki tertip kadalaryny we beýleki içki resminamalary işläp düzmek we kabul etmek;
- Mekdebiň gurluşyny düzmek, Mekdebiň içerki dolandyryş gurluşyny we çyzgysyny bellemek, işgärler sanawyny işläp düzmek, işgärleriň arasynda wezipe borçlaryny paýlap bermek;
- mugallymçylyk, edara ediş-dolandyryş, okuw-kömekçi we inžener-tehniki işgärleri seçip almak we işe kabul etmek, olaryň hünärini ýokarlandyrmagy we kadaly zähmet şertlerini üpjün etmek;

- Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanan aýlyk iş haklaryna we wezipe töleglerine laýyklykda, zähmet haklary gaznasynyň çäklerinde, işgärlere zähmet haklaryny tölemegiň we olary sylaglamagyň görnüşini we ulgamyny kesgitlemek, wezipe iş haklaryny tölemegiň we goşmaça tölemegiň, sylaglaryň we beýleki maddy taýdan goldamak çäreleriniň ölçeglerini bellemek;

- bellenen ölçeglere we talaplara laýyklykda, okuw işlerini maddy-tehniki taýdan üpjün etmek we enjamlaşdyrmak, jaýlary abzallaşdyrmak;

- Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň resmi we ýönekeý adamlaryndan, şeýle-de halkara guramalaryndan we gaznalaryndan zerur bolan enjamlary, tehniki serişdeleri, okuw we ylmy edebiýatlary we beýleki maddy gorlary öz hususy gaznasynyň ýa-da beýleki serişdeleriň (grantlaryň, haýyr-sahabatyň ş.m.) hasabyna edinmek, kärendesine almak;

- bellenilen tertipde ulanylyş taýdan könelişen we fiziki taýdan hatardan çykyşýan enjamlary (gymmat bahalylaryny hem goşmak bilen), abzallary we enjamlary (şol sanda okuw mekdebiniň özi tarapyndan taýýarlanylanlary hem), häzirki zaman okuw talaplaryny ödemeýän serişdeleri we kitaplary bellenen tertipde balansdan-balansa geçirmek we satmak;

- ýaramsyz bolan ýa-da könelişen esasy serişdeleri bellenen tertipde Mekdebiň balansyndan aýyrmak;

- ulanylmaýan enjamlary, inwentarlary, materiallary we beýleki gorlary satmakdan, kärendesine bermekden gelýän serişdeleri öz garamagynda galdyrmak we olary maddy-tehniki we durmuş bazalaryny giňeltmek we ösdürmek üçin peýdalanmak;

- Türkmenistanyň, daşary ýurtlaryň resmi we ýönekeý raýatlarynyň, edaralarynyň, şeýle-de jemgyýetçilik we halkara guramalarynyň, dürli gaznalaryň serişdelerini peýdalanmak bilen, Mekdebiň mugallymlary, işgärleri we talyplary üçin durmuş-ykdysady we ýaşaýyş binýadyny ösdürmek, talyplaryň umumy ýaşaýyş jaýynda bolmaklary we durmuş şertleri üçin degişli ýagdaýy döretmek, okuw mekdebiniň sagaldyş-sport, bejeriş-öňüni alyş we medeni edaralarynyň ulgamyny giňeltmek;

- Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde, işgärleri taýýarlamagyň derejesini we hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilen okuw, ylmy-önümçilik we beýleki düzüm bölümlerini guramak, talyplara goşmaça bilim hyzmatlaryny hödürlemek we Mekdebiň mugallymlar düzümini we ylmy mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmak;

- Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň raýatlaryna - resmi we ýönekeý adamlaryna tölegli bilim beriş we beýleki hyzmatlary etmek üçin gurluş bölümlerini döretmek; tölegli hyzmatlaryň dürli görnüşlerini etmäge çenligi tassyklamak;

- bellenen tertibe we şu Tertipnama laýyklykda talyplar düzümini düzmek;

- okuw işlerini guramak we amala aşyrmak, ýetişigiň yzygiderli barlagyny, ýarymýyllygyň içindäki we jemleýji aýlyk barlagyny (attestasiýany) amala aşyrmak;

- okuw meýilnamalaryny we okuw ýyllyklarynyň hem-de dersleriniň maksatnamalaryny, bilim beriş işlerini üpjün etmek üçin zerur bolan beýleki okuw-usuly resminamalary işläp düzmek;

- okuw kitaplaryny, okuw gollanmalaryny, monografiýalary, ylmy işleriň ýygyndylaryny we beýleki okuw-usuly edebiýatlary we resminamalary neşire taýýarlamak we neşir etmek;

- ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň ylmyň ol ýa-da beýleki ugrundan işleýän öňdebaryjy hünärmenleriniň gatnaşmagynda okuw-usuly we beýleki ylmy-amaly çäreleri guramak we geçirmek;

- Tertipnama esasyndaky işleri amala aşyrmak üçin goşmaça maliýe we maddy serişdeleri çekmek, Türkmenistanyň kanunçylygynda we şu Tertipnamada kesgitlenen çäklerde girdeji getirýän maliýe-hojalyk işlerini amala aşyrmak;

- Mekdepde hereket edýän kanunçylyk tarapyndan gadagan edilmedik jemgyýetçilik (şol sanda ýaşlar) guramalarynyň işlerini sazlaşdyrmak;

- şu Tertipnama ters gelmeýän we Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan gadagan edilmedik beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrmak.

4.3. Mekdep öz ygtyýarlygynyň çäginde:

- okatmagyň we terbiýe bermegiň öňdebaryjy görnüşlerini we usullaryny, döwrebap usulyýeti we täze tehnologiýalary gözläp tapýar, öwrenýär, işläp düzýär, ornaşdyrýar;

- talyplary, mugallymlary, hünärmenleri özara alyşmagy amala aşyrýar, olary, şol sanda daşary ýurt bilim, ylmy we beýleki edaralara tejribä, iş tejribeligini geçmäge we iş saparlaryna ugradýar;

- türkmen we daşary ýurt hyzmatdaşlary bilen bilelikdäki işler barada şertnamalary, ylalaşyklary baglaşýar we olar bilen göni ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklary amala aşyrýar;

- baglaşylýan şertnamalar esasynda ýönekeý we resmi adamlara tölegli hyzmatlary ýerine ýetirýär;

- Mekdebiň öňünde durýan we onuň tertipnamalaýyn maksatlaryny gazanmagyny esaslandyrýan wezipeleriň netijeli çözülmegi üçin zerur bolan beýleki işleri amala aşyrýar.

4.4. Mekdep Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde, şu ýagdaýlar üçin jogapkärçilik çekýär:

- şu Tertipnamada öz ygtyýarlygyna degişli edilen wezipeleri ýerine ýetirmedik ýagdaýynda;

- bilim beriş maksatnamalaryny, şeýle hem okuwyň hilini doly möçberde ýa-da degişli derejede ýerine ýetirmedik ýagdaýynda;

- Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňunde tutulan beýleki ýagdaýlarda.

## 5. OKUW IŞLERINIŇ MAZMUNY WE GURALYŞY

5.1. Mekdepde hünärmenleri taýýarlamak önümçilikden aýrylmak (gündizki), gündizki-gaýybana (agşamky) we gaýybana görnüşlerde amala aşyrylyp bilner.

5.2. Mekdebiň ýuridik we (ýa-da) fiziki şahslar bilen şertnamalar baglaşmak arkaly okuwyň bahasyny töletmek şerti bilen, şu aşakdaky ýagdaýlarda:

Döwlet býujetiniň hasabyna maliýeleşdirilýän degişli bilim boýunça hünärmenleri taýýarlamagyň meýilnama görkezijilerinden daşary;

okatmagyň gündizki-gaýybana (agşamky) ýa-da gaýybana görnüşine okuwa girilende;

hünär biliminiň degişli basgançagy boýunça ikinji bilimi almak üçin okuwa girilende okatmaga hukugy bardyr.

5.3. Mekdep hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, raýatlaryň bilim almaga kabul edilmegini we olaryň hukuklarynyň berjaý edilmegini kepillendirýär.

Mekdepde orta hünär bilimli hünärmenleri taýýarlamak umumy orta bilimiň binýadynda amala aşyrylýar.

Okuwa girýänleriň ählisi, gelip çykyşyna, jynsyna, durmuş we emläk ýagdaýyna, milli degişliligine, garaýyşlaryna, partiýalaýyn degişliligine, dinine we dine gatnaşygyna garamazdan, deň hukuklardan peýdalanýarlar.

Mekdebe okuwa kabul etmek dalaşgärleriň arzasy boýunça giriş synaglarynyň netijelerine görä, bäsleşik esasynda amala aşyrylýar. Bäsleşigiň şertleri raýatlaryň bilim almaga bolan hukuklaryny kepillendirýär we zehinli, ukyply hem-de taýýarlykly raýatlary kabul etmegi üpjün edýär

Mekdep hökmany tertipde okuwa girýänleri şu Tertipnama, şeýle hem Mekdebiň bilim beriş işlerini amala aşyrmagyny kadalaşdyrýan we kabul ediş toparynyň işi baradaky beýleki resminamalary bilen arza berlende tanyşdyrýar.

Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň Mekdepde bilim almagy “Bilim hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna we halkara şertnamalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

5.4. Mekdepdäki okuwyň mazmuny we dowamlylygy okuw mekdebiniň degişli döwlet bilim beriş çäkleriniň esasynda özbaşdak işlenip düzülen okuw meýilnamasy bilen kesgitlenilýär. Okuw meýilnamalary Türkmenistanyň Bilim ministrligi, degişli ministrlikler, sargytçy pudak edaralary bilen ylalaşylýar we Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

5.5. Mekdep şu hünärler boýunça taýýarlyklary amala aşyrýar:

buhgalter hasaby we maliýeleşdiriş,

maliýe we karz,

döwlet býujeti,

statistika,

ykdysadyýet we meýilnamalaşdyryş.

Täze hünärler boýunça okatmak Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýän tertipde amala aşyrylýar.

5.6. Mekdepde türkmen dili döwlet dili hökmünde okatmagyň esasy dilidir.

Daşary ýurt dillerini öwrenmek hökmany ders hökmünde okuw meýilnamalaryna girizilýär.

5.7. Mekdepde okuw işleriniň guralyşy ýokary hilli işgärleri taýýarlamagy üpjün etmek, şeýle hem okuwyň, zähmetiň we durmuşyň howpsuz we sagdyn şertlerini döretmek maksatlaryndan gelip çykýar.

Mekdep:

- talyplary okuw serişdeleri (okuw we beýleki edebiýatlar, kompýuter tehnikasy, audiowizual we tehniki serişdeler we beýlekiler) bilen üpjün edýär;

- okuw mekdebiniň meýdanynda ýerleşýän ýa-da balansynda durýan sanitar-bejeriş edarasyna (punktuna), sanatoriýa-profilaktoriýa, naharhana we beýleki ýaşaýyş-durmuş ugurly guramalaryna jaýlary (kärendesine) berýär, bu jaýlaryň ýyladyş, ýagtylyk we ýyly-suw üpjünçilik zerurlyklaryny üpjün edýär.

5.8. Mekdepdäki okuw, barlag sapaklarynyň we ýerine ýetirilýän işleriň görnüşleri:

- umumy okuw;
- söhbet, amaly, tejribe sapaklary;
- okuw, üznüksiz we önümçilik-hünär öwreniş tejribelikleri;
- ýyllyk taslama (ýyllyk iş);
- barlag işi, barlag tabşyrygy, sorag-jogap;
- talyplaryň maksatnamalaýyn materialy öwrenmekdäki (ony belläp almakdaky, tezisleri düzmekdäki, hasabatlary düzmekdäki we ş.m.) özbaşdak işleri;
- talyplar bilen aýratynlykda işlemek;
- kollokwiumlar;
- maslahat okuwlary, talyplaryň özbaşdak işlerine gözegçilik;
- hasap tabşyrylmadyk okuw materialynyň we talyplar tarapyndan goýberilen sapaklaryň öwezini doldurmak.

5.9. Talyplary okuw işi bilen baglanyşykly bolmadyk işler üçin sapaklardan almaga, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütleri bilen kesgitlenilýän ýagdaýlardan başga halatlarda rugsat edilmeýär.

5.10. Talyplar Mekdepdäki okuw döwründe okuw, üznüksiz we önümçilik tejribeliklerini olar baradaky düzgünlere laýyklykda geçýärler. Tejribeligi geçmek üçin baza hökmünde, bellenen tertipde, döwlet edaralary, öňdebaryjy kärhanalar, edaralar, guramalar we bilim beriş edaralary berkidilýär.

5.11. Mekdepde okuw ýyly 1-nji sentýabrdan başlanýar. Okuw ýyly iki ýarymýyllykdan ybarat bolup, olaryň hersi hünär taýýarlygynyň anyk ugrunyň okuw meýilnamasyna laýyklykda hasap-synag möwsümi bilen tamamlanýar. Okuwlar ýarymýyllyk üçin düzülen okuw sapaklarynyň tertibi boýunça geçirilýär.

Okuw ýylynda talyplara iki gezek, jemi 40 günden az bolmadyk dowamlylykda dynç alyş berilýär. Dynç alşyň takyk möhleti we dowamlylygy hünär taýýarlygynyň aýratynlygyna baglylykda okuw meýilnamasynda kesgitlenýär.

5.12. Bir okuw sagadynyň dowamlylygy 45 (40) minut möçberinde bellenilýär, talybyň hepdäniň dowamyndaky hökmany auditoriýa okuwy taýýarlyk ugrunyň, hünäriň degişli okuw meýilnamasynda kesgitlenilýär. Okuw sapaklarynyň we arakesmeleriň takyk dowamlylygy, okuwyň aýratynlygyny we okuw mekdebiniň (okuw otaglarynyň) ýerleşişini hasaba almak bilen Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan kesgitlenilýär.

5.13. Okuw topary adatça, 15-25 talypdan (hasaplar üçin 20) ybarat bolýar, ol amaly okuwlaryň we tejribe sapaklarynyň degişli görnüşleri geçirilende 8-12 talypdan ybarat iki toparça bölünip bilner. Şol bir wagtyň özünde okuw toparynyň

talyp sany hünär boýunça okuwa kabul etmegiň bellenen meýilnamasyna baglylykda üýtgäp biler.

5.14. Talyplaryň bilimi, başarnygy we endikleri döwlet resminamalarynda şu hili bahalar bilen kesgitlenilýär: 5 (bäş), 4 (dört), 3 (üç), 2 (iki). Baha synagda ýa-da talyplaryň okuw işlerine yzygiderli gözegçiligiň netijeleri boýunça goýulýar. Dersler we talyplaryň okuw işleriniň görnüşleri üçin hasap bolup durýan hil bahasy: "hasap", "hasap däl" bellenilýär, ol talybyň okuw işiniň yzygiderli gözegçiliginiň ýa-da jemleýji gürrüňdeşligiň netijeleri boýunça goýulýar.

Synaglary geçirmegiň möhleti okuw mekdebiniň direktory tarapyndan tassyklanylýar. Aýry-aýry dersler boýunça synaglar, mugallymçylyk geňeşiň teklibi we talyplaryň ylalaşmagy boýunça, nazary kursuň tamamlanan badyna geçirilip bilner.

Synagyň ýa-da yzygiderli gözegçiligiň netijeleri boýunça alnan bahadan nägile bolan talyplara, onuň tabşyrylan güni olaryň arzasy boýunça Mekdebiň direktory synagy gaýtadan tabşyrmaga hukuk berip biler.

5.15. Ýetişigi oňat bolan talyplary ýyldan-ýyla geçirmek Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanýan düzgünnamalara laýyklykda, Mekdebiň direktorynyň buýrugy bilen amala aşyrylýar.

Gyşky hasap-synag möwsüminiň netijeleri boýunça ýetişmeýän talyplara okuw bergilerini aýyrmak üçin möwsümiň tamamlanan gününden başlap, bir aýdan köp bolmadyk möhletde mümkinçilik berilýär. Şondan soň olar okuwdan çykarylmaga degişli edilýär.

Tomusky hasap-synag möwsüminiň netijeleri boýunça ýetişmeýän talyplara okuw bergilerini aýyrmaga dowamlylygy bir aýdan köp bolmadyk möhletde, ýöne indiki okuw ýylynyň başlanmagyna bir hepdeden giç bolmadyk wagtda mümkinçilik berilýär. Şondan soň olar okuw bergilerini tabşyrmasa, okuwdan çykarylmaga degişli edilýär. Ýyldan ýyla şertli geçirmäge rugsat edilmeýär.

5.16. Talyplary düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekmek, şol sanda okuwdan çykarmak, şeýle hem okuwa dikeltmek, geçirmek we akademik rugsat bermek hereket edýän kanunçylykda bellenen tertipde geçirilýär.

5.17. Okuw meýilnamasynyň ähli talaplaryny üstünlikli ýerine ýetiren talyp jemleýji döwlet synagyna goýberilýär, onuň netijesi boýunça uçuryma degişli hünäri we orta hünär bilimi baradaky diplomy bermek barada karar kabul edilýär. Diplomyň goşundysynda talybyň okuw döwrüniň dowamynda öwrenen ähli dersleri boýunça alan bahalary görkezilýär.

5.18. Mekdep fakultatiw esasda goşmaça okuw maksatnamasyny işläp düzmäge we ýaýratmaga hem degişli okuw meýilnamalarynyň çäklerinden daşary, Mekdep tarapyndan bellenen nyrhlar boýunça tölegli esasda goşmaça bilim beriş hyzmatlaryny etmäge hukuklydyr.

5.19. Mekdebiň terbiýeçilik wezipeleri talyplaryň we mugallymlaryň bilelikdäki okuw, ylmy, döredijilik, önümçilik we jemgyýetçilik işlerinde amala aşyrylýar. Talyplaryň öz-özüni dolandyryş edaralary gyzyklanylýan ugurlar boýunça gurnaklaryň, klublaryň, talyplaryň we Mekdebiň işgärleriniň beýleki höwesjeňlik birleşmeleriniň işlerini guraýar.

## 6. MEKDEBIŇ DOLANDYRYLYŞY WE DÜZÜMI

6.1. Mekdebi dolandyrmak onuň işindäki wajyp meseleleriň çözgüdine mugallymlary, işgärleri, talyplary gatnaşdyrmak ýörelgelerinde guralýar.

6.2. Mekdebi dolandyrmak gönüden-göni direktor tarapyndan amala aşyrylýar. Mekdepde direktoryň orunbasary wezipesi döredilýär. Mekdebiň direktory we direktorynyň orunbasary Türkmenistanyň Bilim ministri tarapyndan wezipä bellenýär we wezipeden boşadylýar.

Mekdebiň köpçülikleýin dolandyrylyşy saýlawly wekilçilikli gurama – Mugallymçylyk geňeşi tarapyndan amala aşyrylýar. Mugallymçylyk geňeşi Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanan birkysmy düzgünnama laýyklykda hereket edýär.

6.3. Hünärmenleri taýýarlamagyň hilini kämilleşdirmek, mugallymlaryň hünär ussatlygyny ýokarlandyrmak, okuw işiniň ylmy esasda guralyşyny işläp düzmek maksady bilen Mekdep ylmy-usulyýet işini alyp barýar we usulyýet birleşiklerini döredýär.

6.4. Direktor hünärmenleriň taýýarlygynyň hili, ýaş nesli döwletlilik, garaşsyzlyk we bitaraplyk taglymatyna, Watana, Türkmenistanyň Prezidentine çuňňur hormat we wepalylyk ruhunda terbiýelenilişiniň netijesi üçin doly we şahsy jogapkärçilik çekýär.

Direktor Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda Mekdebiň adyndan hereket edýär, ähli edaralarda, kärhanalarda, guramalarda onuň adyndan wekilçilik edýär, okuw mekdebiniň emlägine ygtyýar edýär, işgärleri işe alanda şertnamalary, hojalyk we beýleki şertnamalary baglaşýar, ynanç hatlaryny berýär, bankda hasaplary açýar, maliýe serişdelerine ygtyýar ediji bolup durýar.

Direktor Mekdebiň ygtyýarlygynyň çäklerinde:

- ähli işgärler we talyplar üçin hökmany bolan buýruklary çykarýar we görkezmeleri berýär;
- direktoryň orunbasarlarynyň arasyndaky takyk borçlary we jogapkärçilikleri kesgitleýär we paýlaýar;
- mugallymlar düzüminiň we beýleki işgärleriň wezipelerine bellemegiň bellenen tertibiniň berjaý edilmegini üpjün edýär;
- işgärleri işe kabul etmegi we işden boşatmagy amala aşyrýar;
- bölümleriň müdirlerini, Mekdebiň düzümine girýän tejribe-synag we beýleki bölümleriň ýolbaşçylaryny tassyklaýar, olaryň ygtyýarlyklaryny kesgitleýär;
- hereket edýän düzgünlere laýyklykda, işgärleri, guramaçylyk bölümleriniň ýolbaşçylaryny sylaglaýar.

6.5. Mugallymlar düzümini, talyplary, okuw-kömekçi we beýleki işgärleri özünde jemleýän jemgyýetçilik we beýleki guramalar öz işlerini Mekdebiň Tertipnamasynda, merkezi jemgyýetçilik guramalaryň we birleşikleriniň tertipnamasynda kesgitlenen maksatlara we wezipelere laýyklykda alyp barýarlar we öz düzgünnamalarynyň esasynda işleýärler.

Mekdepde (mugallymlar we talyplar) kärdeşler arkalaşyklary we partiýa we ýaşlar guramalary, weteranlar geňeşi, talyplaryň düzgün-tertip gullugy, sport

kluby, umumy ýaşaýyş jaýlaryndaky talyplaryň öz-özüňi dolandyryş geňeşi, talyplar kluby, talyplaryň gyzyklanylýan ugurlar boýunça birleşdirýän jemgyýetçilik guramalary we birleşmeleri hereket edýärler.

6.6. Mekdep iş dolandyryşyny amala aşyrýar, okuw, ylmy-barlag we terbiýeçilik işini üpjün etmek üçin Türkmenistanyň Bilim ministrligi, beýleki döwlet edaralary tarapyndan tassyklanan resminamalarda kesgitlenen sanawlara laýyklykda beýleki resminamalary ýöredýär.

Mekdep Türkmenistanyň döwlet maglumatlar edaralarynyň talaplaryna laýyklykda hasabat berýär.

## 7. MEKDEBIŇ IŞGÄRLER TOPARY

7.1. Mekdebiň işgärler topary: mugallymlar düzümini, inžener-tehniki, dolandyryş-hojalyk, önümçilik, okuw-kömekçi we beýleki işgärleri, şeýle hem talyplary, özünde jemleýär.

Mekdepdäki ähli derejedäki işgärleriň we talyplaryň hukuklary we borçlary Türkmenistanyň kanunçylygynda, şu Tertipnamada, içerki düzgün-tertip kadalarynda we Mekdebiň beýleki içerki resminamalary bilen kesgitlenilýär.

7.2. Mekdebiň işgärler toparynyň agzalary şu hukuklardan peýdalanýarlar:

- alan bilimlerine laýyklykda saýlap alan hünärleri we kärleri boýunça işlemäge;
- işlän döwründe durmuş we hukuk taýdan goraglylyga;
- Mekdebiň okuw, ylym, durmuş-ýaşaýyş, bejeriş we beýleki guramaçylyk bölümleriniň hyzmatlaryndan, habarlar hazynasyndan we kitaphana arhiwlerinden peýdalanmaga;
- Mekdebiň Mugallymçylyk geňeşine saýlamaga we saýlanmaga;
- Mekdebiň Mugallymçylyk geňeşiniň mejlislerinde, önümçilik maslahatlarynda çykyş etmäge, okuw-usuly we ylmy-barlag işlerini kämilleşdirmek, terbiýeçilik işini kämilleşdirmek meseleleri boýunça teklipleri bermäge;
- jemgyýetçilik guramalaryna birleşmäge.

7.3. Mekdebiň işgärler toparynyň agzalarynyň borçlary:

- Mekdebiň abraýyny ýokarlandyrmak barada alada etmek;
- okuw işleriniň we geçirilýän ylmy-barlaglaryň ýokary netijeliligini üpjün etmek;
- öz hünär derejesini birsyhly ýokarlandyryp durmak;
- şu Tertipnamanyň düzgünlerini, içerki düzgün-tertip kadalaryny berjaý etmek, Mekdebiň kitap baýlygyna we beýleki emläklerine aýawly çemeleşmek.

a) Mekdebiň işgärleri

7.4. Mekdebiň tassyklanan işgärler sanawyna laýyklykda işgärler düzümini düzýär.

7.5. Mekdebiň işgärlerine zähmet haklary we wezipe haklary olar tarapyndan zähmet şertnamasynda (şertnamada) we wezipe gözükdirijisinde göz öňünde tutulan wezipe borçlarynyň we işleriniň ýerine ýetirilenligi üçin tölenilýär.

Işgärleriň başga işleri we borçlary ýerine ýetirendikleri üçin goşmaça ylalaşyk boýunça hak tölenilýär.

7.6. Mugallymlar düzüminiň hukuklary:

- öz hünäri boýunça işlerini guramaçylyk we material-tehniki taýdan üpjün etmek;
- okuwyň mazmunyny bellenen tertipde tassyklanan (hünär) taýýarlyk ugrunyň okuw meýilnamasyna we dersler boýnça okuw maksatnamasyna laýyklykda kesgitlemek;
- okuwyň özboluşly aýratynlygyna laýyk gelýän we okuw işiniň ýokary hilini üpjün edýän usullaryny we serişdelerini saýlap almak;
- bilimiň mazmunynyň ýokary ylmy derejesini üpjün edýän ylmy barlaglara gatnaşmak we täze düýpli bilimleri almak.

Mugallymlar düzümi degişlilikde ylmy we mugallymçylyk işleri goşmaça alyp baryp bilerler.

7.7. Mugallymlar düzüminiň borçlary:

- mugallymçylyk işiň ýokary netijeliligini üpjün etmek, döwlet bilim syýasatyny durmuşa geçirmek;
- talyplarda watançylyk, watanyňa söýgi duýgularyny terbiýelemek;
- talyplarda özbaşdak işlemegi, inisiatiwalylygy, täzelikçiligi, döredijilik ukyplylygyny ösdürmek;
- kärdeş-mugallymlarynyň, talyplaryň şahsy mertebesini hormatlamalydyrlar, olaryň medeni we sazlaşykly ösüşleri barada alada etmelidirler;
- ylmy we hünär bilimlerini ýaýratmalydyrlar;
- öz hünär, umumy bilim we medeni derejelerini hemişelik ýokarlandyryp durmalydyrlar.

7.8. Edara ediş-hojalyk, okuw-kömekçi, inžener-tehniki, önümçilik we beýleki işgärleriň hukuklary we borçlary Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunçylygy, içerki zähmet düzgün-tertip kadalary, wezipe gözükdirijisi we işgärler bilen baglaşylýan zähmet şertnamalarynyň şertleri bilen kesgitlenilýär.

7.9. Borçlaryň ýerine ýetirilmezligi ýa-da degişli görnüşde ýerine ýetirilmezligi üçin Mekdebiň ähli işgärleri işden Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekilip bilner, zähmet borçlarynyň göreldeli ýerine ýetirilenligi üçin bolsa, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda bellenen tertipde sylaglanylýar.

b) Mekdebiň talyplary

7.10. Mekdepde okaýanlara talyplar, diňleýjiler we beýlekiler degişlidir.

Bellenen tertipde Mekdebiň direktorynyň buýrugy bilen okuwa kabul edilen raýat talyp hasaplanýar. Talyba talyp şahadatnamasy we hasap-synag depderçesi berilýär.

Talyplaryň hukuklary we borçlary Türkmenistanyň kanunçylygy, şu Tertipnama we Mekdebiň beýleki içerki çykarýan resminamalary bilen kesgitlenilýär.

Talyplar Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanlarynda we buýruklarynda bellenen ýeňilliklerden peýdalanýarlar.

7.11. Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen tertipde okuwlaryna ýetişýän, Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna okuwa kabul edilen talyplar talyphaky bilen üpjün edilýär.

Mekdep döwlet talyp haklarynyň üstüne öz serişdelerinden goşmaça tölegleri goşmaga, talyplaryň durmuş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen beýleki çäreleri döretmäge hukuklydyr.

7.12. Welaýatyň başga şäherlerden we etraplaryndan gelen talyplara umumy ýaşaýyş jaýyndan ýer berilýär.

7.13. Mekdebiň talyplarynyň hukuklary:

a) jemgyýetçilik guramalarynyň üsti bilen okuw mekdebiniň talyplaryň durmuşynda ýüze çykýan meseleleriniň çözgüdine gönüden-göni gatnaşmak;

b) Mekdepde okadylýan umumy okuwlara, şeýle hem Mekdepde geçirilýän goşmaça fakultatiw okuw sagatlaryna gatnaşmak;

ç) okuw kitaplaryndan, okuw-usuly gollanmalardan we beýleki edebiýatlardan, okuw üçin zerur bolan tehniki serişdelerden mugt peýdalanmak;

d) okuwyň barşynda Mekdebiň okuw-önümçilik, ylmy we medeni-sport bazasyndan mugt peýdalanmak;

e) okuwyň barşynda howpsuzlyk şertlerine we saglygy goraýşa;

ä) okuw dersleriniň gowy hilli alnyp barylmagyny üpjün etmeýän mugallymlary çalyşmak barada mesele goýmak;

h) saglyk ýagdaýy sebäpli akademiki rugsada çykmak;

i) Döwlet tarapyndan talyp haklary, kömek pullary bilen üpjün edilmek (Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna okuwa kabul edilen talyplar üçin);

j) Mekdebi tamamlandan soň, öz hünäri boýunça iş almak (Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna okuwa kabul edilen talyplar üçin).

7.14. Mekdebiň talyplarynyň borçlary:

a) öz saýlap alan hünärleri, durmuş-syýasy we gumanitar dersler boýunça nazary bilimleri, tejribe endiklerini we işiň döwrebap usullaryny çuňňur ele almak;

b) degişli okuw meýilnamasynda we maksatnamasynda göz öňünde tutulan ýumuşlaryň ähli görnüşlerini bellenen möhletinde ýerine ýetirmek;

ç) okuw sapaklarynyň ählisine gatnaşmak, okuw we ýerine ýetirijilik kadalaryny berjaý etmek;

d) umumyadamzat we milli medeni gymmatlyklary bilmek, gözýetimini giňeltmek we milli däp-dessurlaryň we adatlaryň esasyndaky dünýägaraýşyny kemala getirmek;

e) guramaçylyk - iş endiklerini edinmek;

ä) ylmy we hünär bilimlerini wagyz ediş çärelerine gatnaşmak.

7.15. Talyplaryň gowy okap, jemgyýetçilik işlerine işeňňir gatnaşan ýagdaýlarynda, olar üçin höweslendirişiň atly talyp haklaryny almaga hödürlemek, talyp hakyny ýokarlandyrmak, minnetdarlyk yglan etmek, sylag bermek, gymmat baha sowgatlar bilen sylaglamak, hormat hatyny gowşurmak, hormat tagtasyna girizmek ýaly görnüşleri bellenilýär.

Içerki düzgün-nyzam tertibiniň düzgünlerinde sylaglamagyň beýleki görnüşleri hem göz öňünde tutulýar. Maddy we ahlak taýdan sylaglamagyň

görnüşlerini saýlap almak Mekdep tarapyndan, mugallymlaryň we talyplar köpçüliginiň hödürlemegi boýunça bar bolan serişdeleriň çäginde amala aşyrylýar.

Talyplara jemgyýetçilik tertibini, içerki düzgün-nyzam tertibiniň kadalaryny we umumy ýaşaýyş jaýynda ýaşamagyň düzgünini bozanlygy üçin duýduryş bermek, käýinç yglan etmek, berk käýinç yglan etmek, talyplyk hataryndan çykarmak ýaly düzgün-nyzam temmileri ulanylyp bilner.

7.16. Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna okuwa kabul edilen uçurumlary ýerlere işe paýlamak Türkmenistanyň kanunçylygy esasynda amala aşyrylýar. Okuw mekdebini döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna tamamlan ýaş hünärmenler öz iberilen ýerlerinde iki ýylyň dowamynda iş tejribeligini geçmelidirler, şondan soň olara diplom gowşurylýar.

## 8. MEKDEBIŇ EMLÄGI WE SERIŞDELERI

8.1. Mekdep özbaşdaklykda, şu Tertipnamada özüne berilýän hukuklaryň çäginde, maliýe-hojalyk işlerini alyp barýar, ähli serişdelerini ulanmagyň tertibini kesgitleýär.

8.2. Mekdebi maliýeleşdirmek:

- döwlet býujetinden goýberilen serişdeleriň hasabyna;
- ministrliklerden we edaralardan hünärmenleri maksatlaýyn taýýarlamaga çykýan çykdajylaryň öwezini bölekleýin dolmak tertibinde alnan serişdeleriň hasabyna;
- ilata tölegli hyzmatlary etmek, durmuş we döredijilik tabşyryklaryny ýerine ýetirmek, Türkmenistanyň we daşary ýurtly resmi we ýönekeý adamlar, edaralar bilen baglaşylan şertnamalar boýunça işleri bitirmek boýunça hojalyk hasaplaşygyndaky we beýleki hojalyk işleri üçin serişdeleri almagyň, şeýle hem bu işlerden alnan girdejiniň hasabyna;
- Türkmenistanyň we daşary ýurt döwletleriniň resmi we ýönekeý adamlarynyň edaralary tarapyndan goýlan bank karzlarynyň, pul kömekleriniň (subsidiýalaryň) we subwensiýalaryň hasabyna;
- pudaklaryň, edaralaryň meýletin goýumlarynyň, aýry-aýry adamlaryň, edaralaryň maliýe goldawlarynyň hasabyna;
- döwlet edaralary, halkara guramalary we gaznalary tarapyndan bellenen grantlaryň, talyp haklarynyň we maliýe kömeklerini bermegiň beýleki görnüşleriniň hasabyna;
- Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan gadagan edilmedik beýleki çeşmeleriň hasabyna.

8.3. Mekdebiň maliýe işleri döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna orta hünär okuw mekdebini saklamak üçin çykdajylaryň çenligi we direktor tarapyndan tassyklanýan we ýokary dolandyryş edarasy hem-de Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen ylalaşylýan, býujetden daşary girdejileriň we çykdajylaryň çenligi esasynda amala aşyrylýar.

8.4. Mekdebiň jaýlary, binalary, enjamlary, inwentar we beýleki emläkleri döwlet eýeçiligi bolup durýar. Şertnamalaýyn esasda amala aşyrylýan ylmy-barlag we beýleki döredijilik işleriniň hasabyna gazanylýan emläk we beýleki serişdeler

okuw mekdebiniň öz emlägi bolup durýar. Mekdep görkezilen eýeçilige öz garaýşyna görä ygtyýar etmäge hukuklydyr.

8.5. Mekdep borçnamasy boýunça garamagyndaky pul serişdelerine, özüne degişli bolan eýeçilige kanunçylykda bellenen tertipde jogapkärçilik çekýär.

8.6. Mekdep türkmenistanly we daşary ýurtly raýatlara, kärhanalara, guramalara we edaralara tölegli bilim hyzmatlaryny etmek ugurlarynda maliýe-hojalyk işlerini alyp barmaga hukuklydyr. Bu iş telekeçilik işine degişli däldir, ondan gelýän girdejiler Mekdep tarapyndan bilim beriş işleriniň üpjünçiligi üçin çykýan çykdajylaryň öwezini dolmaga, maddy-tehniki esasyny giňeltmäge, okuw işleriniň guralyşyny kämilleşdirmäge, işgärleri maddy taýdan sylaglamaga we Mekdebiň beýleki zerurluklaryna sarp edilýär.

8.7. Mekdep Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tetipde telekeçilik işlerini alyp barmaga hukuklydyr. Mekdep öz telekeçilik işlerinde kärhana barabar bolýar we Türkmenistanyň telekeçilik işleriniň ugrundaky kanunçylygynyň täsirine düşýär.

## 9. MEKDEBIŇ HALKARA IŞLERI

9.1. Mekdep öňünde durýan wezipeleri amal etmek üçin daşary ýurtlaryň okuw, ylmy we beýleki edaralary we guramalary bilen hünärmenleri we mugallym işgärleri taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak we olaryň hünärlerini ýokarlandyrmak ugurlarynda, şeýle hem ylmy barlaglar we bilelikdäki işleriň görnüşleri ugurlaryndaky halkara hyzmatdaşlygyna gatnaşýar:

- Talyplary, mugallym işgärleri iki taraplaýyn we köp taraplaýyn alyşmak maksatnamasyna gatnaşmak;
- bilelikdäki bilim maksatnamalaryny we ylmy barlaglary, seýle hem ylmy-amaly maslahatlary, simpoziumlary, seminarlary we beýleki çäreleri geçirmek;
- orta hünär bilimi kämilleşdirmegiň halkara maksatnamalaryna gatnaşmak;
- kanunçylyk tarapyndan gadagan edilmedik beýleki çäreleri geçirmek.

9.2. Mekdep bilim beriş işlerini kämilleşdirmek maksady bilen, talyplaryň taýýarlygynyň hilini gowulandyrmak üçin we kanunçylykda göz öňünde tutulan tertipde şulara hukuklydyr:

- döwlete degişli bolmadyk halkara guramalarynyň işlerine gatnaşmak;
- daşary ýurtly işdeşler bilen bilelikde işlemek barada şertnamalary baglaşmak, olaryň gatnaşmagynga guramaçylyk bölümlerini (merkezleri, tejribe-barlag geçirilýän ýerleri we beýlekileri) döretmek;
- daşary-ykdysady işler bilen meşgullanmak we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde bank edaralarynda walýuta hasaplaryny açmak.

9.3. Mekdep tarapyndan daşary-ykdysady işleriň netijesinde alnan pul serişdeleri şu Tertipnamada kesgitlenen wezipeleri ýerine ýetirmäge sarp edilýär.

## 10. MEKDEPDE HASAP WE HASABAT

10.1. Mekdep hereket edýän kanunçylyk esasynda öz işiniň netijeleri barada gündelik we buhgalterlik hasabyny amala aşyrýar, bellenen görnüşde maglumat we

buhgalterlik hasabatyny ýöredýär, şeýle hem Bilim ministrligine serişdeleriň alnyşy we sarp edilişi baradaky hasabaty berýär.

10.2. Buhgalterlik hasabynyň esasy wezipeleri:

- Mekdebiň hojalyk işleri we işiň netijesi barada gündelik dolandyryş üçin zerur bolan doly we hakyky (dogry) maglumatlary döretmek;

- emläkleriň bardygyna we hereketdedigine gözegçiligi üpjün etmek, maddy, zähmet we maliýe gorlaryny kadalara, kadalaşdyryjylara we çenlige laýyklykda peýdalanmak;

- maliýe-hojalyk işlerindäki ýaramaz ýagdaýlaryň öz wagtynda öňüni almak, içerki-hojalyk gorlaryny ýüze çykarmak we peýdalanmak.

10.3. Mekdebiň wezipeli adamlary döwlet hasabatynyň ýoýulmagy üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen düzgün-nyzam, edara edijilik we jenaýat jogapkärçiligine çekilýärler.

10.4. Mekdep döwlet, durmuş-üpjünçilik, ykdysady we salgyt syýasatlaryna amal etmek maksady bilen resminamalaryň (dolandyryş, maliýe – hojalyk, şahsy düzüm we beýlekiler baradaky) saklanylmagy üçin jogapkärçilik çekýär, ylmy-taryhy ähmiýeti bolan resminamalaryň bellenen tertipde döwlet goragyna tabşyrylmagyny üpjün edýär.

10.5. Mekdebiň okuw we maliýe-hojalyk işlerine gözegçiligi esaslandyryjy hem-de ygtyýarly edilen döwlet guramalary amala aşyrýar.

## 11. MEKDEBIŇ IÇERKI RESMINAMALARY

11.1. Mekdebiň dolandyryş edaralarynyň, guramaçylyk bölümleriniň, işgärleriniň we talyplarynyň işleri şu Tertipnama we hereket edýän kanunçylyga laýyklykda işlenip düzülýän beýleki içerki resminamalar bilen kadalaşdyrylýar. Mekdebiň esasy içerki resminamalary şulardyr:

1) Mekdebiň Mugallymçylyk geňeşi hakynda Düzgünnama.
2) Mekdebiň bölümleri hakynda düzgünnama.
3) Mekdebiň işgärleri we talyplary üçin içerki tertip kadalary.
4) Mugallymlaryň we işgärleriň hünär synagy baradaky Düzgünnama.
5) Talyp hakynda Düzgünnama (Talyplyk düzgünnamasy).
6) Işgärleri maddy we ahlak taýdan goldamak barada Düzgünnama.
7) Kitaphanadan peýdalanmagyň düzgünleri.
8) Mekdebiň işgärleriniň wezipe gözükdirijileri.
9) Guramaçylyk bölümleri (bölümler, gulluklar) baradaky Düzgünnama.
10) Zerurlygy şu Tertipnamanyň wezipeleriniň aýratynlyklary bilen kesgitlenilýän beýleki düzgünnamalar.

## 12. MEKDEBIŇ IŞINIŇ ÝATYRYLMAGY WE ÝAPYLMAGY

12.1. Mekdebiň işiniň ýatyrylmagy we ýapylmagy Türkmenistanyň hereket edýan kanunçylygyna laýyklykda geçirilýär.

## 13. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

13.1. Mekdep Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň Edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak müdirligi tarapyndan hasaba alnandan soň şu Tertipnama güýje girýär.

13.2. Şu Tertipnama türkmen dilinde 2 (iki) nusgada düzüldi.